# “Ýaşyl howa gaznasy üçin howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça taslamalaryň täzelenen düşünjeleriniň tanyşdyrylyşy”

**2025-nji ýylyň 21-nji ýanwarynda** Aşgabatdaky BMG-niň binasynda BMG-niň Türkmenistandaky ösüş maksatnamasynyň çäginde “Türkmenistanda milli uýgunlaşma meýilnamasyny ösdürmek” taslamasynyň çäginde “Ýaşyl howa gaznasy üçin howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak boýunça taslamalaryň täzelenen düşünjeleriniň tanyşdyrylyşy” atly tegelek stol geçirildi. Halkara bilermenler hökmünde BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň geňeşçileri **Nikolai Denisow** we **Wiktor Nowikow** çykyş etdiler. Tegelek stola Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň (döwlet weterinariýa gullugy), daşky gurşawy goramak, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň we suw komitetiniň wekilleri, şeýle hem Türkmenistanyň “Türkmenhowaýollary” agentliginiň wekilleri gatnaşdylar.

Tegelek stolda Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Döwlet weterinariýa gullugyndan halkara bölüminiň başlygy **Arslan Soltanmyradow** gatnaşdy.

Maslahatyň dowamynda halkara bilermenler tarapyndan “Hemmelere howa hyzmaty” taslamasynyň soňky wersiýasy, şeýle hem ekosistemalar we tebigata esaslanýan uýgunlaşma çäreleri boýunça taslama düşünjesi tanyşdyryldy. Taslamanyň çäginde durmuşa geçirilmeli indiki ädimler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Все права защищены